# Adam oglunyñ birinji mazary: Kabylyñ gubury

Category: Kitapcy,Taryhy ýerler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Adam oglunyñ birinji mazary: Kabylyñ gubury ADAM OGLUNYÑ BIRINJI MAZARY: KABYLYÑ GUBURY




*«Ýaşaýyş Adam atadan başlanýar. Adam atanyň iki ogly bolan Abyl bilen Kabyl eýýäm dünýäniň bölünmegine sebäp bolýar. Abyl Kabyly öldürýär! Dünýä jenaýatdan başlanýar!»*
***Osman Ödäýew / «Üçünjiniñ kysmaty»***.

«Abyl bile Kabyl ene garnynda,
Olar hem dünýage gelende bardyr».
**Mahmyt Gaýyby / «Gelende bardyr»**.

«Kabyl urdy ol Habylny daş bilen,
Ini agasyndan aýrylmadymy?»
**Magtymguly / «Aýrylmadymy?»**

«Ýüz ýigrimi garyn perzent göteren,
Adam bilen Howa serbe-ser geçdi.»
**Magtymguly / «Serbe-ser geçdi»**.




*Ýer ýüzüniň ilkinji mazary hasaplanýan Adam atanyň ogly Kabylyň (Habylyň) guburynyň üsti hemişe adamly*

Zyýaratçylar Siriýanyň paýtagty Damaskyň golaýlaryndaky alty metrlik mazary zyýarat edip, Kabylyň ruhuna aýat-töwir edýär. Ýaşy-garrysy, aýaly-erkegi, dünýäniň çar künjünden gelýän zyýaratçylaryň köpüsi alty metrlik mazary görüp geň galman bilenok.

Kabylyň mazary Siriýanyň paýtagty Damaska kyrk kilometr golaýdaky Kasýum dagynda ýerleşýär. Adamzadyň ýer togalagyna gelen wagtyndan tä şu günlere çenli saklanyp galan mazar mermer örtükleri bilen gurşalyp, owadanlanypdyr. Şeýle-de, mazaryň üstüne kümmet galdyrylyp, gorag astyna alynypdyr. Kümmediň agzynda Kabylyň dogany Kabyl tarapyndan nähili öldürilendigini gürrüň berýän rowaýat ýerleşdirilen ýazgy bar.

Gelen zyýaratçylar ilki bilen gubryň başynda aýat okaýar. Yzyndan okan aýat-töwirini Kabylyň ruhuna bagyş edýär. Käbirleri bolsa kümmediň ýanyndaky mesjitde wagt namazyny okaýar.

Türkiýe, Eýran, Iordaniýa ýaly ýurtlardan gelen zyýaratçylar alty metrlik äpet mazary görende geň galman durup bilenoklar we gören zatlaryny ýakynlaryna-da görkezmek üçin gubruň ýanynda surata düşmegi hem ýatdan çykaranoklar.

Beýleki bir ýandan, kümmediň golaýynda zyýaratçylaryň gerek-ýarak zatlaryny satyn almaklary üçin kiçijik bazar hem bar. Zyýaratçylar ol ýerden sowgatlyk oduk-buduk zatlary, Kabylyň mazaryny zyýarat edende geýer ýaly geýim satyn alyp bilýärler.

Kabylyň imisala kümmetde ýatan gubry şol ýeriň ýerli halky

bolan dürziler tarapyndan goralýar. Gubury uly üns bilen goraýan dürziler Kabyly pygamber hasaplaýar.



## • ÖLÜMIŇ NÄMEDIGINI BILMEÝÄN GANHOR

Siriýaly ylmy-barlagçy Erol Çaly Kabylyň ýer ýüzüniň «ilkinji şehididigine we şol bir wagtyň özünde pakyrlaryň ilkinji atasydygyna» yşarat edýär.

Kabyl ilkinji ölen adam bolandygy üçin onuň mazarynyňam dünýäniň ilkinji mazarydygyna ünsi çeken Çaly «Kabyl haksyzlyk bilen öldürilendigi sebäpli ilkinji şehit saýylyp bilner. Hezreti Adam atanyň ogly Kabyla adamzadyň ilkinji perzendi, ilkinji şehidi, ilkinji pakyry diýip bolar. Adam atanyň ekiz çagasynyň ikinjisi Kabyl adamzadyň ilkinji şehidi bolmak mertebesine düşse, Abyl ilkinji ganhory bolmak bişowlugyna düşdi» diýýär.

Kabylyň dogany Abyl tarapyndan öldürilmeginiň üstünden müňlerçe ýyl geçendigine garamazdan şindizem zyýarat edilip, üstünde doga okalýandygyna ünsi çeken Çaly Abylyň bolsa diňe doganynyň gandary hökmünde hakydalarda galmakdan başga yzynda zat galmandygyny nygtaýar.




Şam hakda çap edilen bir eseri hem bolan Erol Çalynyñ aýtmagyna görä, Abylyñ dogany Kabyly öldürmegi şeýle ýagdaýda bolup geçýär:

*«Adam ata bilen How enäniñ her gezeginde ekiz bolan dört çagasy bolýar. Birinji ekizler Abyl bilen Lebuda, ikinji gezekde Kabyl bilen Yklyma dünýä inýär. Çagalary ese-boýa galandan soñ Adam birinji ogly Abyly Habylyñ ekiztaýy Lebuda öýlendirjek bolýar. Kabylyñ ekiztaýy Iklimýany-da Kabyla çatmagy göz öñüne tutýar. Şeýdilse, är-aýallaryñ arasynda az-uçugam bolsa aradaşlyk döreýärdi we öz ekiztaýyña öýlenmegiñ öñi alynýardy. Emma Adam atanyñ bu buýrugyna Abyl razy bolman «Her kim öz ekiztaýyna öýlensin» diýýär we öz ekiztaýy Iklimýany almakçydygyny aýdýar. Kabyl bolsa pygamber atasy Hezreti Adamyñ aýdanyna boýun sunýar.*

*Ýagdaý şeýle bolansoñ Adam ata iki dogana gurbanlyk mal soýmagy, kimiñ gurbanlygy kabul bolsa Iklimýany şonuñ almagyny teklip edýär. Abylam, Kabylam muña razy bolýar. Abyl ekin-tikin, Kabyl bolsa mal-gara bilen meşgullanar eken. Rowaýata görä şol döwür hudaýýoly berlen zatlar bir meýdana taşlanypdyr, asmandan bir nur inip, sadaka berlen zadyñ üstüne düşer eken.*

*Abyl bir bogdak bugdaý, Kabylam bir goýun getiripdir. Garaşylan nur asmandan inip, Kabylyñ goýnuny ýagtylandyrypdyr.*

*Bu ýagdaý Abylyñ gahar-gazabyny ýetjek derejesine ýetirýär. Ol Kabyla «Men seni hökman öldürerin!» diýýär.*
*Aslynda Abyl ölümiñ näme zatdygynam bilmeýän eken. Ol Kabyly gahary ýatyşýança ýenjerin öýdüpdir. Ahyr bir gün ol Kasýun dagynda goýunlaryny otladyp ýören Kabylyñ yzyndan gelip, elindäki daş bilen onuñ kellesine urýar. Kabyl tarpa-taýyn ýere ýykylýar. Ölümiñ nämedigini bilmeýän Abyl esli wagtlap doganynyñ başynda onuñ turmagyna garaşyp oturýar. Görse, turanok, ses-üýn ýok. Silterläp görýär, gygyrýar-bagyrýar. Peýdasy bolmansoñam, gorkusyndan gaçýar.*
*«Belkäm turandyr» umydy bilen soñrak ýene yzyna dolanyp gelýär, emma dogany henizem ýerde jansyz halda ýatyr. Abyl onuñ ýanynda oturyp, dañ atýanxa garaşýar. Näme etjegini bilmän saga-sola ylgaýar. Äkitjek bolýar, ýöne kakasyndanam çekinýär.*
*Şol wagt özara ýolmalaşýan iki garga gözi düşýär. Az salymdan soñ gargalaryñ biri beýlekisini öldürýär. Diri galan garga topragy çokalap, kiçiräk çukur gazýar, ýerde ýatan gargany şol çukuryñ içine süýräp gömýär we üstüne gum sürýär, soñam uçup gidýär. Bu manzarany synlap duran Abylam doganyny Damaskyñ golaýyndaky Kasýun dagynda gömýär».*



Abyl bilen Kabylyň rowaýaty belli mirasgär Sapargeldi Hanowyň halkymyzyň dilinden toplap, çap etdiren «Üç pygamber» kitabynyň «Adam ata we How ene hakynda rowaýat» bölüminde şeýle gürrüň berilýär:

*«Adamata bilen How ene-de Ýeriň ýüzüne gelip düşensoňlar sekiz ýüz ýyl gowrak ömür sürüpdirler diýýär. Bularyň zürýatlary ekiz-ekizden boluberenmiş. Özem ekizler bir ogul, bir gyz bolýarmyş. Onsoň ýetişenjelerini, bir garynda bile bolanlaryny däl-de – ekiziň beýleki jübütlerini almaşdyryp beriberipdirler, öýlendiriberipdirler. Dagy näme etjek, başga alaç bolmasa.*

*Günlerde bir gün bularyň Abyl diýip at beren ogullary: öz ekiz taýymy aljak diýip, Adamata bilen How enäniň aýdanyna razy bolman, yrsarap başlapdyr. Dogrudanam, onuň taýy juda owadan gyzmyş. Şonuň üçinem men ony hiç kime berjek däl, özüm aljak diýýärmiş. Garaz, oňuşmandyr-da. Onda-da Adamata bilen How ene onuň taýyny Kabyl diýen ogullaryna beripdirler. Abylam şu Kabylyň ahmal wagtyny peýläp, aryny ýerine salmagyň kül-külüne düşüpdir. Ahyr bir çolarak ýerde duşup Kabyly daş bilen urup başlapdyr. Birden bolmasy iş bolupdyr. Kabyla bir daş bijaýrak degip, ölüp ýatyberipdir.*

*Şonuň üçin bir taýak bagt, bir taýak bibagt diýen gürrüň galanmyş.*

*Ine, Abyl baryp Kabyly yralap görse, dem-üýn ýokmuş. Bu-da nätjegini bilmän, doganyny göterip aýlanyberipdir. Birinji gezek adam zürýadynyň ölüşi diýýär. Entek hiç kim ölini näme etmelidiginem bilenokmyş. Sebäbi öň hiç kim ölmedik bolsa nätjek. Ýeriň ýüzem häzirkisi ýaly däldir-de. Birneme tekizräkdir. Kabylyň jesedini nirede goýsa, güberip görnüp dur diýýär. Abyl eden işine puşman edip, doganynyň jesedini göterip, näme etjegini bilmän, aglap-eňräp aýlanyp ýörmüş. Soňky puşmandan ne peýda.*

*Abyl doganynyň jesedini ýanynda goýup bir agajyň kölegesinde dynç alyp otyr eken. Ýadandyr-da, elbetde. Öliniň agramam ýaman agyr bolýar ahyry. Şol wagt iki sany guş uçup gelipdir-de, agaja gonupdyr. Iki sem ur-tut bir-birini çokalap urşup başlapdyrlar. Şol barmana guşlaryň biri ýere pat edip gaçyp, ölüp ýatyberipdir diýýär. Beýleki diri galan guş ýeri penjesi bilen köweläp gazyp, ölen guşy şol gazan çukuryna gömüpdir-de, uçup gidiberipdir. Şondan soň Abylam hä beýle etmeli eken-ow diýip, ýeri gazyp doganyny jaýlapdyr.*

*Adamy gabyr gazyp, ýerde jaýlamak şondan galanmyş.*
*Elbetde, ol gelip agaja gonan guşlar guş däl-de perişdeler bolmagy mümkin. Haktagalanyň emri bilen olar adam zürýatlaryna adamy nähili jaýlamalydygyny görkezip, soň uçup gidendirler».*




Abyl bilen Kabylyň rowaýaty türkmen teatrlarynda hem şöhlenenip ýetişdi. Ony režissýor Goçmyrat Bekiýew 2000-nji ýyllarda Ýaş tomaşaçylar teatrynda (häzirki Alp Arslan teatry) sahnalaşdyrdy.
*Gadymyýetden söz açýan mifiň esasynda ýazylan mifiki tragediýada gürrüňi edilýän rowaýat, ol ýa-da beýleki bir görnüşde dünýä halklarynyň arasynda – hristian we musulman dünýäsinde giňden ýaýrandyr.*
*Sahna oýnunda esasy gapma-garşylyk Adam atanyň perzentleri, doganlar Abyl bilen Kabylyň arasynda bolup geçýär. Allanyň dergähinde daýhançylyk bilen meşgullanýan Abylyň däl-de, maldarçylyk bilen meşgullanýan Kabylyň gurbany kabul bolýar we Kabyl doganyny öldürip agyr günäsini Allanyň-a däl, beýle ýazygy özüniňem geçirmejegini aňlatmak maksady bilen ogluny agyr jeza höküm edýär. Sen öz eden günäňi arkaňa alyp, jebrini çekip, dünýä aýlan, eger elinden alan närse tapsaň ber diýär. Abyl öz jezasyny köp ýyllap çekýär.*
*Eser-de gapma-garşylyk söýgi duýgusynyň döremegi, söýgi üçburçlugynyň ýüze çykmagy bilen dartgynlaşýar, Abyl doganyny bahyllykdan däl-de, Yklyma bolan söýgüsiniň hatyrasyna öldürendirin diýip ynanýar.  Ynsan janyna kast etmegiň iň ýowuz günädigini eserde tekrarlanýar.*
*Şonuň üçinem, öz günäsiniň bagyşlanmagyny isläp, Abyl Aýa-güne, daglara, deňizlere, asmana ýüz tutýar, emma olar doganyny öldüren ganhory bagyşlamaýarlar. Esasy garşylyk bularam däl. Abyl esasy garşylyga Şeýtana duşansoň uçraýar. Ezraýyl ynsany müň gezek synaga salýar. Emma Abyl öz günäsini diňe özüniň ýuwup biljekdigine, şeýdibem ynsabyny, kalbyny*

*arassalap, imanly bolup biljekdigine ahyry düşünýär. Onuň günäsi geçilip, ene ýeriň göwsi ýarylyp, Kabylyň jesedi kabul edilýär, ýer ýüzünde ilkinji mazar döreýär. Sahna oýnunyň mowzuk-mazmuny ýokary, terbiýeçilik ähmiýeti uly. Esasanam, ýaşlar üçin. Çünki bu tragediýada "Ynsanlygyň mähekdaşy, ynsap" hakynda gürrüň gidýär we ýaşlar durmuş, ýaşaýan, ömür, söýgi hakynda. Bu sahna oýny uzak ýyllardan bäri teatr sahnasyndan düşmän gelýär. Şeýle hem eseriň talyplar tarapyndan täzeden sahnalaşdyrylmagy olarda professional endikleriň döremegine itergi berýar.*

(https://turkmenteatrlary.gov.tm/item/947)

Taýýarlan Guwanç MÄMILIÝEW. Taryhy ýerler